Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

№26 (48) 2022-nji ýylyň 10-njy dekabry

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

# MERKEZI AZIÝA: TARYHDAN ŞU GÜNE

***Hemişelik Bitaraplygymyzyň 27 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Bäşinji Merkezi Aziýa bilermenler forumy üstünlikli geçirildi. Onuň gün tertibine sebit hyzmatdaşlygynda ileri tutulýan wezipeleriň birnäçesi: howanyň üýtgemegi, suwdan peýdalanmak, azyk howpsuzlygy hem-de sebitdäki maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary boýunça hyzmatdaşlygyň ugurlary girizildi.***

Taryhdan bilşimiz ýaly, amatly geoykdysady ýerleşişi bilen tapawutlanýan Merkezi Aziýanyň ägirt uly mümkinçilikleri gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen açylypdyr. Bu sebit Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda özboluşly «köpri» bolup gelýär. Şonuň üçin-de sebitiň ýurtlarynyň özara hyzmatdaşlygyny ösdürmek hem-de işjeňleşdirmek häzirki günüň wajyp wezipesidir. Şu nukdaýnazardan, Bäşinji Merkezi Aziýa bilermenler forumy hem sebit



hyzmatdaşlygyny ösdürmekde möhüm çemeleşmedir.

Forumyň dowamynda BMG-niň Baş sekretarynyň ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Natalýa German, şeýle-de Gazagystanyň Prezidentiniň ýanyndaky Gazagystanyň Strategiki barlaglar institutynyň, Gyrgyzystanyň Prezidentiniň ýanyndaky Milli strategiki barlaglar institutynyň, Özbegistanyň Prezidenti-

2



# DÖWRÜŇ MÖHÜM WAKALARY

3-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Kataryň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Taniniň çakylygy boýunça Katar Döwletine sapary amala aşyryp, ol ýerde türkmen-katar gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn ösdürmek bilen bagly ýokary derejede duşuşyk geçirdi hem-de Dohada dowam edýän Futbol boýunça dünýä çempionatynyň oýunlarynyň biriniň hormatly myhmany boldy. Saparyň çäginde geçirilen ýokary derejeli gepleşikleriň dowamynda döwletara hyzmatdaşlygyň ýagdaýy we geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy. Taraplar türkmen wekiliýetiniň Katara şu saparynyň iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge we täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga mümkinçilik berjekdigine pugta ynam bildirdiler. Şunuň bilen baglylykda, ýakyn wagtda Katar Döwletiniň Doha şäherinde Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasyny açmak baradaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Munuň özi iki ýurduň arasyndaky özara gatnaşyklary has-da pugtalandyrmaga ýardam eder.

* * *

5-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistan — ABŞ» işewürler geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory Erik Stýuarty, «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň Baş direktory Jon Rizi, «UGT Renewables» kompaniýasynyň esaslandyryjysy we başlygy Goran Raýsiçi hem-de «Climate Compass» kompaniýasynyň Baş direktory Kewin Jeýmsi kabul etdi. Nobatdaky Türkmen-amerikan işewürlik maslahatyna gatnaşmak maksady bilen ýurdumyza gelen myhmanlar duşuşmaga wagt tapandygy we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildiriler hem-de ABŞ-nyň işewür toparlarynyň amatly maýa goýum ýagdaýy döredilen Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary sykladylar. Hormatly Prezidentimiz we myhmanlar hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlary barada pikir alyşmagyň barşynda forumyň çäklerinde meýilleşdirilen ikitaraplaýyn duşuşyklaryň hem-de gepleşikleriň mundan beýläk-de netijeli gatnaşyklara täze itergi berjekdigine ynam bildirdiler.

* * *

7-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow öz ýurdunyň parlament wekiliýetine ýolbaşçylyk edip, sapar bilen Türkmenistana gelen Azerbaýjan Respublikasynyň Milli Mejlisiniň Başlygy Sahiba Gafarowany kabul etdi. Duşuşygyň barşynda halkara syýasatyň we sebitara gatnaşyklaryň meseleleri, hususan-da, ählumumy parahatçylyga, howpsuzlyga, ýaşaýyş üpjünçiligine, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça iki döwletiň garaýyşlarynyň ýakyndygy we meňzeşdigi kanagatlanma bilen nygtaldy.

* * *

8-nji dekabrda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri baradaky mesele girizildi. Şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*




## ПРОВЕДЕНА МУЗЫКАЛЬНО-ПЕСЕННАЯ ПРАЗДНИЧНАЯ ЦЕРЕМОНИЯ

6 декабря 2022 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана состоялась музыкально-песенная праздничная церемония под названием «Постоянный нейтралитет Туркменистана: реализация принципов творческого труда и прав человека», приуроченная 27-летию Постоянного Нейтралитета Туркменистана и Международному дню прав человека.

В рамках торжества состоялось награждение победителей Конкурса, заявленного журналом «Демократия и право» на написание научно-практической статьи «Döredijilikli zähmet we adam hukuklary» («Творческий процесс труда и права человека»), проведенного при совместной организации Национального центра Профсоюзов и Института государства, права и демократии Туркменистана.



## Sagdyn bedende – sagdyn ruh

1-2-nji dekabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň sport toplumynda hemişelik Bitaraplygymyzyň 27 ýyllyk baýramy mynasybetli talyp oglan-gyzlaryň arasynda «Sagdyn bedende — sagdyn ruh» atly sport ýaryşlary geçirildi. Bu köpçülikleýin sport çäresi Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň hem-de Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyplar sport klublary tarapyndan bilelikde guraldy.

Uly ruhubelentlige beslenip, çekeleşikli ýagdaýda geçen sport ýaryşynda talyp oglanlar sportuň stol tennisi, woleýbol, kiçi futbol we 3x3 basketbol görnüşleri boýunça özara bäsleşdiler. Talyp gyzlar bolsa stol tennisi boýunça öz aralarynda güýç synanyşdylar.

## A scientific and practical conference was held in honor of international day of neutrality

December 8, 2022 at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs Turkmenistan in honor of the International Day of Neutrality was held scientific and practical conference entitled "Policy of Neutrality Turkmenistan: historical experience and important tasks of the present". The conference consisted of a general meeting and 4 departments, each of which sequence was called "Neutrality — a method of multilateral Development of National Diplomacy", "Philosophy of the Dialogue of Trust Turkmenistan in international relations", "Neutrality is an example for the foreign economic development", "Permanent Neutrality is the source of peace."

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

«2023-nji ýyl — Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly»

# MERKEZI AZIÝA: TARYHDAN ŞU GÜNE

1

niň ýanyndaky Strategiki we sebitara barlaglar institutynyň, Merkezi Aziýa Halkara institutynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň, Türkmenistanyň Hazar deňzi institutynyň, Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň «Türkmensuwylymtaslama» institutynyň, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň hem-de TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň wekilleri gatnaşdylar.

Bilşimiz ýaly, bu gün Gazagystan Respublikasy, Gyrgyz Respublikasy, Täjigistan Respublikasy, Türkmenistan hem-de Özbegistan Respublikasy dünýäde bolup geçýän çylşyrymly ýagdaýlara garamazdan, ykdysady ösüşiň durnukly görkezijilerini gazanyp, binýatlyk durmuş maksatnamalaryny ýerine ýetirýärler. Sebitiň ýurtlarynyň jogapkärli, parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty olara halkara giňişlikde mynasyp abraý getirdi.



Foruma gatnaşyjylar şu ýylyň 28-nji iýulynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda Merkezi Aziýanyň parahatçylygyň, ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň zolagy diýlip yglan edilendigine aýratyn taryhy waka hökmünde baha berdiler. Şu ýylyň dekabrynda bolsa, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň döredilmeginiň 15 ýyllygynyň bellenilýändigini nazara almak bilen, ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň garamagyna bu merkeziň orny baradaky nobatdaky Kararnamanyň taslamasyny teklip edip, onda soňky ýyllaryň ähmiýetli wakalaryny beýan etmegi, onuň esasynda ýola goýlan sebit hyzmatdaşlygynyň gurallaryny berkitmegi maksat edinýär.

Agzybirlik, düşünişmek, jebislikde iş alyp barmak, bilelikdäki tagalla, ýurtlaryň ählisiniň bähbidini deň tutmak... bir maksatdan ugur alyp, anyk netije gazanmak üçin şu sanalanlaryň ähli si deň derejede zerur. Bu aýdyňlyklar gönüden-göni türkmen Bitaraplygynyň mazmuny bilen gabat gelýär. Diýmek, hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerimizden ugur alynýan hyzmatdaşlykda Merkezi Aziýanyň diňe yklymda däl, eýsem, dünýä derejesindäki işlerde-de eýeleýän ähmiýetli ornundan ugur alyp, ýurdumyz sebit meselelerine ulgamlaýyn çemeleşmek nukdaýnazaryndan çykyş edýär.

> **Agzybirlik, düşünişmek, jebislikde iş alyp barmak, bilelikdäki tagalla, ýurtlaryň ähli siniň bähbidini deň tutmak... Bir maksatdan ugur alyp, anyk netije gazanmak üçin şu sanalanlaryň ähli si deň-derejede zerur. Bu aýdyňlyklar gönüden-göni Türkmen Bitaraplygynyň mazmuny bilen gabat gelýär.**

Suw serişdeleriniň gözbaşlaryny gaýtadan dikeltmek we gorap saklamak, olaryň oýlanyşykly, rejeli ulanylmagy bilen baglanyşykly meseleler boýunça ulgamlaýyn gatnaşyklar üçin mümkinçilikleri açýan suw diplomatiýasy aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Durnukly ösüş maksatlarynda kesgitlenen bu möhüm çemeleşme Merkezi Aziýa döwletleriniň syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmagynda galýar.

Maglumat tehnologiýalarynyň durmuşymyza işjeň ornaşmagy netijesinde, maglumat elýeterliligi gitdigiçe ösýär. Şonuň üçin-de Bäşinji Merkezi Aziýa bilermenler forumynda sebitiň ýurtlarynyň döwlet maglumat düzümleriniň arasynda hünär gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň üstünde işlemek teklip edilip, ony durmuşa geçirmegiň ugurlary salgy berildi.

Aşgabatda Merkezi Aziýa üçin howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek babatda taýýarlyk işleriniň alnyp barylýandygyny bellemek gerek. Türkmenistan Aral meselesiniň BMG-niň işiniň aýratyn ugry hökmünde kesgitlenilmegini gazanmak ugrundaky tagallalaryny hem tutanýerli dowam etdirýär. 2021-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak syýasaty — halkara howpsuzlygyň, durnuklylygyň we ösüşiň esasy» atly halkara maslahatynda Türkmenistan döwletimiz «Dialog — parahatçylygyň kepili» diýlip atlandyrylan halkara gatnaşyklaryň täze filosofiýasyny öňe sürüpdi. Bu filosofiýa türkmen Bitaraplygynyň öňe sürýän pikir-garaýyşlarynyň özboluşly jemlenmesidir. Hut şu türkmen filosofiýasyna esaslanyp, Baş Assambleýanyň 77-nji sessiýasynda Türkmenistanyň öňe sürmegi bilen, BMG-niň Baş Assambleýasy 2023-nji ýyly «2023-nji ýyl — Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýip atlandyrmak baradaky Kararnamany kabul etdi. Bitaraplygymyzyň kökleriniň taryhymyzyň çuňluklaryna uzap gidişi ýaly, bu filosofiýa hem türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda durmuş synagyndan geçirip gelen netijesidir. Şoňa görä-de, biziň sebitimiz, asyl, tutuş dünýä ýüzi çylşyrymly meseleleri parahatçylyk ýoly bilen çözmekligi baş ýörelge edinýär.

*Atamyrat ÝAZWELIÝEW,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň*
*I ýyl talyby.*

# BITARAPLYK — ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

*Gahryman Arkadagymyz: «Eger-de milletiň erkana we özerkli ýaşaýşyny bürgüt hem laçyn guşlaryň öz dünýäsinde erkana, parahat ýaýnaýşyna meňzetsek, olar şunda öz goşa ganatlaryna daýanýandyrlar. Şeýlelikde, çeper dil bilen aýtsam, Garaşsyzlyk hem Bitaraplyk türkmen döwletliliginiň goşa ganatydyr!» diýip belleýär.*

Hakykatdan-da, biziň Garaşsyzlygymyz we hemişelik Bitaraplygymyz halkymyzyň asuda, erkana durmuşynyň, eşretli ýaşaýşynyň aýdyň kepilnamasydyr. Elbetde, ertirki üstünligiň açary bu günki äden ädimiň netijesine bagly.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Watanymyzyň beýik sütüni bolan baky Bitaraplygymyzyň eçilen berekedi hiç wagt egsilmejek baýlykdyr.

Garaşsyz Türkmenistan döwletimize 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Baş Assambleýasynyň ýörite «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamasynyň esasynda 185 agza döwletleriň biragyzdan goldamagy netijesinde, hemişelik Bitarap döwlet diýen halkara hukuk derejesi berildi.

Biziň Bitaraplygymyz mazmuny babatda oňyn Bitaraplykdyr. Oňyn Bitaraplyk düşünjesi parahatçylygy we durnuklylygy goldamak, ähli ýurtlaryň arasynda dostluk hem hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek meselelerinde biziň işjeň ornumyzy göz öňünde tutýar. Şeýle hem Watanymyz hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolanyndan soňra birnäçe kesgitli borçlary öz üstüne aldy.

Watanymyzyň abraý-mertebesiniň belende galmagynda we döwletimiziň bütin dünýäde ykrar edilmeginde baky Bitaraplygymyzyň uly orny bar. Bu türkmeniň geçmişinden, asylly häsiýetlerinden göz-baş alyp, geljegimize nur saçýan beýik ýörelgedir. Häzirki wagtda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanymyz dünýä ýüzünde bu beýik derejesine esaslanan parahatçylyk, ylalaşdyryjylyk syýasatyny alyp barýar we ýer ýüzünde asudalygyň höküm sürmegine özüniň çäksiz goşantlaryny goşýar.

Dünýä belli akyldarlaryň biri bolan Seneka şeýle belleýär: «Durmuşa-da edil basnýa ýaly, uzynlygyna görä däl-de, mazmunyna görä baha kesilýär». Hakykatdan hem, baky Bitaraplygymyza eýe bolanymyza 27 ýyl dolanam bolsa, onuň dowamynda edilen işler barmak basyp sanardan gaty kän. Bu döwürde halkymyzyň eşretli we döwrebap ýaşaýşyny üpjün etmek ugrunda alnyp barlan dowamly işler bilen birlikde, medeniýetimizi ösdürmek, medeni mirasymyzy gorap saklamak hem-de milli gymmatlyklarymyzy dikeltmek boýunça ummasyz köp maksatnamalar durmuşa geçirildi. Döwletimiz özüniň Bitaraplygyna eýe bolan gününden başlap dünýäniň ençeme döwletleri we halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyklary, diplomatik gatnaşyklary alyp barýar. Bu günki günde ýurdumyz dünýäniň 151 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary, 100-den gowrak döwleti bilen bolsa daşary ykdysady gatnaşyklary ýokary derejede ýola goýdy. Şeýle hem, Türkmenistan dünýäniň 47 sany abraýly halkara guramalarynyň işjeň agzasy hasaplanýar. Munuň özi döwletimiziň alyp barýan oňyn Bitaraplyk syýasatynyň miwesidir.

Gün-günden beýik ösüşlere beslenip, belent maksatly ýokary üstünlikleri nazarlaýan, berk binýatly Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň bu günki günde dünýä ýüzündäki abraý-mertebesi has-da ýokarlanýar. Diýarymyzyň halkara gatnaşyklarynda şeýle ýokary derejede ykrar edilmegi türkmen halkymyzy çäksiz buýsandyrýar. Ýurdumyzyň asudalygy, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy üçin ýokary derejeli işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Dünýä ähmiýetli tutýan tutumlary elmydama rowaçlyklara beslensin!

*Humaý ATAÝEWA,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.*

*BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda kabul eden Kararnamasyna laýyklykda 12-nji dekabr halkara Bitaraplyk güni diýip yglan edildi.*

*Dünýäde BMG tarapyndan ykrar edilen ilkinji bitarap döwlet — bu biziň ata Watanymyz — eziz Türkmenistandyr!*

# ...FROM DIARY

I want to tell you about wonderful part of our life happened during the last 3 months. As you know, according to the Decree of our Esteemed President, being abroad for practice in diplomatic life became a good tradition. For that reason, we together with my coursemate were sent to get more practice to the diplomatic mission of Turkmenistan to the Republic of Turkiye and now I would like to share my experience that I faced abroad. As we know, in the framework of the implementation of the Foreign Policy Concept of the Neutral Turkmenistan for 2022 — 2028, works are carried out by the Embassy of Turkmenistan to the Republic of Turkiye jointly with several Turkish ministries and departments on the enhancing foreign policy of our esteemed President, strengthening and developing mutually beneficial relations. Active cooperation with such international organization as Turksoy, Organization of Turkic States, Food and Agriculture Organization, Statistic, Economic and Social Research Center on Islamic Countries, and others are notable within the Embassy's mission.



Diplomatic relations between Turkmenistan and Turkiye was established on the 29th of February, 1992 on the basis of Protocol. Turkiye is considered as a main strategic partner of Turkmenistan. Now as we all know Turkmenistan and Turkiye are on the way of the new phrase of the cooperation in the filed of economy and trade.

During 1 — 5th November of the current year, the representatives of Turkmenistan was awarded the 1st place in the "Gorkut Ata and Turkic World Film Festival", which was held in the Bursa city of Turkiye.

On November 1, we were lucky to become participants of the activity hosted by the Parliamentarians Fund of the Turkic World. The exhibition of the national and cultural values of the countries of the Turkic world took place. Ambassador, diplomats and many parliamentarians, representing the Turkic world, visited the party: Unity and Solidarity: organized by the Parliamentarians Fund of the Turkic World in the hotel of Ankara.

Witnessing to the ceremony of the presenting the Letter of Credence to the President of Turkiye by the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan to the Republic of Türkiye helped to advance our skills on diplomatic protocol and get acquainted with the features of the Turkish diplomatic service. In fact, ceremony of Presenting the Letter of Credence lasted for 2 days, on the 1st day the Ambassador presented the Letter of Credence to the Rejep Tayyp Erdogan, the President of Turkiye Republic and the on the 2nd day as a tradition he laid flowers to the Tomb of Mustafa Kemal Ataturk who is the founder of the Repbulic of Turkiye, beloved father of the Turkish people. Participating in the ceremony which is held in the Anitkabir memorial complex and finding out exponents in the museum was the unforgettable moment and the greatest diplomatic practice for me.

During the practice, we joined the working process of the embassy and actively worked, helped to write the notes and letters in every department of the embassy such as Chancellory, Educational and Consular ones. By the way, we took part at the diplomatic meetings and negotiations. According to the Decree of the President of Turkmenistan, we performed such works as giving a visa to the Turkish people, issuing the documents on the basis of our citizens' petition who are staying in order to work and study in Turkiye. On the weekends, we visited the museums and libraries of the city of Ankara in order to get acquainted with the Turkish culture including Museum of Sculpture and Art, "Kelime" Museum, Ermitan, Ankara Kale, Antic Museum, Museum of Independence and so on.

Availing myself the opportunity, I would like to express our deep gratitude to our esteemed President, and Hero Arkadag as well as Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and administration of our Institute for opportunity, provided for the students, to improve knowledge and develop our skills in the field of international relations in order we be able to guide them in future to make our contribution to the development of international relations of our Fatherland.

In conclusion, I would like to end my speech with words, which are written on the photo of the chemist, who was awarded the Nobel Prize, with Ataturk in the Educational Section of the Ataturk Museum, and impressed us very much:

"We are sending each of you as a spark, you should return as strong flames".

***Aybolek KAKABAYEVA,***
***5th year student of the Faculty of International Relations of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan.***




# ТУРКМЕНИСТАН В МЕЖДУНАРОДНОМ МЕДИА ПРОСТРАНСТВЕ

В первой декаде декабря 2022 года события и новости политической, экономической, социальной сфер нашей Отчизны нашли своё достойное отражение в мировом информационном пространстве.

Одно из приоритетных направлений внешней политики нашего государства, как построение взаимовыгодных и дружелюбных отношений со странами мира, было освещено авторитетным информагентством **ТАСС**, которое на своём официальном сайте сообщает о подписании 15 документов по итогам визита туркменской делегации в РФ:

*«Делегация Туркменистана во главе с председателем Кабинета Министров, министром иностранных дел страны Рашидом Мередовым по итогам двухдневного визита в Россию подписала 15 двусторонних документов.*

*«По итогам двухдневного визита делегации Туркменистана в Россию было подписано 15 двусторонних документов, в том числе Программа сотрудничества между министерствами иностранных дел Туркменистана и Российской Федерации на 2023-2024 годы, а также соглашения в экономической, научно-технической и гуманитарной сферах. В рамках обозначенного визита состоялся ряд встреч между профильными министерствами и ведомствами двух стран», – говорится в сообщении».*

В первой декаде декабря активное сотрудничество нашей страны с международными организациями также нашло свое достойное отражение на просторах зарубежных СМИ. В частности, новость о внесении искусства туркменской вышивки в список объектов нематериального культурного наследия ЮНЕСКО была размещена на странице информагентства **ТАСС**:

*«ЮНЕСКО включила искусство туркменской вышивки в список объектов нематериального культурного наследия. Такое решение было принято на 17-й сессии Межправительственного комитета ЮНЕСКО по охране нематериального культурного наследия, проходящей в столице Марокко – Рабате.*

*1 декабря 2022 года на основе широкого консенсуса вышеуказанный комитет единогласно принял решение о включении номинации «Искусство туркменской вышивки» в Репрезентативный список нематериального культурного наследия человечества».*

Нефтегазовая отрасль нашего государства также является объектом пристального внимания иностранных СМИ. К слову, сообщение об обнаружении нового притока газа на месторождении «Узынада» в туркменской части Каспийского моря нашло свое место на официальной странице российского новостного портала **Gazeta.ru**:

газета.ru

*«На нефтегазовом месторождении «Узынада», находящемся в туркменском секторе Каспийского моря, получили приток природного газа.*

*«Приток природного газа и конденсата получен государственным концерном «Туркменнефть» на месторождении «Узынада» в Балканском велаяте», – отметил вице-премьер Абдрахманов по видеосвязи во время заседания правительства.*

*Президент Туркмении Сердар Бердымухамедов после доклада указал, что открытие новых запасов сырья поможет дать определенный толчок в развитии экономики страны, обеспечив рост производственного потенциала.*

*До этого «Нейтральный Туркменистан» сообщал, что Туркмения сможет увеличить экспорт газа в Китай почти в два раза благодаря вводу в эксплуатацию четвертой ветки газопровода Туркмения – Узбекистан– Казахстан – Китай».*

Развитие взаимовыгодных отношений нашей страны с соседним Азербайджаном также стало объектом пристального внимания зарубежных информагентств. К примеру, новость об обсуждении расширения сотрудничества между Туркменистаном и Азербайджаном была размещена на официальной странице азербайджанского новостного портала **Trend**:



*«Министр экономики Азербайджана Микаил Джаббаров провел встречу с находящимся с визитом в Баку заместителем премьер-министра Туркменистана, министром иностранных дел Рашидом Мередовым, в ходе которого было обсуждено расширение сотрудничества между странами.*

*«В ходе встречи с заместителем премьер-министра и министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым мы затронули вопросы развития отношений между нашими странами, укрепления экономических связей, а также расширения сотрудничества», – сообщает Микаил Джаббаров».*

Освещение таких важных событий и новостей, происходящих в нашей стране, является еще одним ярким свидетельством высокого уровня заинтересованности авторитетных информагентств общественно-политической жизнью нашего государства.

**Подготовили: Аннаберди КАШАНОВ, Энеджан МАМЕДОВА, студенты факультета международной журналистики.**

## Bitaraplyk — ykballaryň arzuwy

Bitaraplyk – tarapsyzlyk diýmek däl,
Ol Zemin ähline tarapdar diýmek.
Ynsanlaň, ykballaň arzuwyn jemläp,
Parahatlyk gurýan taraşgär diýmek.

Bitaraplyk – tarapsyzlyk diýmek däl,
Ol ynam paýlamak ähli tarapa.
Kalplaryň törüni şatlyga besläp,
Rahatlygyn bermek – dünýäň garaşan.

Türkmen söz sözleýär goýman şübhe-şek,
Bu gün bütin dünýä biz taraplykdyr.
Ynsan kowmun röwşen geljege eltjek,
Iň ygtybar ýol bu Bitaraplykdyr.

Döwürlerden dömüp çykan ýörelge,
Ýürekleň sesinden dörän mukam, heň.
Oguz handan gözbaş alan görelde,
Arkadagyň kämil yhlasy siňen.

Bitaraplyk geçirmejek möwritin
Taglymat, başlaryň bagt guşudyr.
Arkadagly Serdary bar milletiň,
Dünýä ýaýýan adyl çagyryşydyr.

*Mätgurban MÄTGURBANOW,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara
žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.*

## Parahatçylyk kelamy

Hak – barlyga, daglar – zemine pena,
Göwünlere ganat berer hoş seda,
Parahat durmuşa çagyryş-sena
Kelamyňyz dünýäň bagty, Arkadag,
Pähimiňizden ýollar ýagty, Arkadag!



Bak, ilimiň obasyna-kendine,
Halk gol berýär kämiline, merdine,
Şypa bolan ýürekleriň derdine
Kelamyňyz dünýäň bagty, Arkadag,
Pähimiňizden ýollar ýagty, Arkadag!

Yhlas gözleý-gözleý myrady tapar,
Ýaz deý ynsan göwünlere gül dakar,
Kalplaryň töründe şamçyrag ýakan
Kelamyňyz dünýäň bagty, Arkadag,
Pähimiňizden ýollar ýagty, Arkadag!

Elwan bägüllerden ýazlaň joşguny,
Howandardan zamananyň hoşlugy,
Rahatlygyň söýünjisi, buşlugy,
Kelamyňyz dünýäň bagty, Arkadag,
Pähimiňizden ýollar ýagty, Arkadag!

*Gurbansähet GURBANSÄHEDOW,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara
žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.*

## Paýhaslar sandygyndan



Diňe ýumşaklyk bilen dünýäni sarsdyryp bilersiňiz.

Dünýäde görmek isleýän üýtgeşikligiňiz boluň.

Bir zady edeniňizde, ony söýgi bilen ediň ýa-da asla etmäň.

**Mahatma GANDI**

* * *

Durmuşda özgelerden däl-de, özüňden ozmaga çalyşmaly.

**Okrawio PAS**

* * *

Durmuş dowamly baýramçylyk bolmalydyr. Diňe şonda sen gülläp ösüp bilersiň.

**OŞO**

* * *

Eger sen ýedi gezek ýykylsaň, sekiz gezek tur.

**Kano DZIGORO**

* * *

Ýaşamagy başarmak — ruhubelentligiň her damjasyna togsan dokuz damja der goşmak.

**Martti LARNI**

* * *

Biz kimdir biri bilen gatnaşanymyzda ýa oňa kömek edýäris, ýa-da päsgel berýäris.

**Jorj WAŞINGTON**

*Toplan: Gurbanmyrat AŞYROW,
Turkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.*



## Из словаря дипломата

## Термины дипломатии в международных отношениях

***Денонсация*** *— надлежащим образом оформленный отказ государства от заключенного ею международного договора.*

***Дипломатический протокол*** *— это совокупность общепринятых правил, традиций и условностей, соблюдаемых правительствами, ведомствами иностранных дел и официальными лицами в международном общении.*

***Мягкая сила (soft power)*** *— форма политической власти, способность добиваться желаемых результатов на основе добровольного участия, симпатии и привлекательности, в отличие от «жесткой силы», которая подразумевает принуждение. Основами мягкой силы являются культурные и политические ценности, институты, которые способны притягивать других, «хотеть того, чего хотите вы». Примеры мягкой силы: 1) Политические ценности и институты (демократические выборы, многопартийность, права человека, свобода, благотворительность);*

*2) Культурные ценности (музыка, кино, язык и т. д.).*

***Постоянное представительство при международных организациях*** *— постоянно действующий дипломатический орган внешних сношений государства — члена международной организации, призванный представлять его при данной организации.*

***Подготовила: Айгуль МЕРЕДОВА,
студентка II курса факультета
международных отношений
Института международных
отношений МИД Туркменистана.***

*Вы дипломат, когда кого-то представляете. Вы дипломат, когда хотите вести дела с другими цивильным образом. Вы дипломат, когда стараетесь мирно решать конфликты. Вы дипломат, когда желаете ладить с другими. Вы дипломат, когда хотите ладить с собой.* **Алишер Файзуллаев**



*Самым прочным элементом международных соглашений по-прежнему остается бумага.* **Питер Устинов**



ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
Taňryberdi MYRATLYÝEW

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow
**Kätip:** A.Nobatowa
**Bölüm müdiri:** A.Ýazweliýew
**Edebi işgärler:** J.Öwezowa, A.Atajykowa
**Fotohabarçylar:** M.Narmedow, B.Ýazmyradow
**Korrektorlar:** G.Egirjäýewa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, A.Omarowa, M.Orazowa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa, A.Nazarowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.

**Email:** yashdiplomathgi@gmail.com